# Git!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Git! GIT!

Uzagyndan uzagna ýol ýasap,
Eziz görlen mesgeniňi terk et-de.
Açykdyr ýüregmiň araçäkleri
Ne gözegçi, ne soldat bar serhetde.

Açylandyr – ähli «delje ýurtlaram»,
Açyk saňa derýa, deňiz, dag etek
Saýla özüň: otly, gämi, ýa uçar
Alyp berjek isläniňe bir petek.

Gideňde goýmagyn birje goşuňam
Senden galjak hiç bir zadam bolmasyn
Gitgin, soňra ýaşamasyn hiç kimem,
Taşlajak men «Hirosimaň» bombasyn

Azaşyp barsam «Ýürek» ýurduňa,
Kow!
Ýapgyn ähli serhetleri berk et-de.
Ýatlamaga ýeke pikir galmasyn,
Unut barsyn!
Undyp bilseň, elbetde…!

Ylham GURBANALYÝEW. Goşgular